# Ýaşyñ elliden ötensoñ

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýaşyñ elliden ötensoñ ÝAŞYŇ ELLIDEN ÖTENSOŇ

Howluk mydam haýyr işe,
Ýaşyň elliden ötensoň.
Hyýal etme, daş ýörişe,
Ýaşyň elliden ötensoň.

Düzet öýüň, «Özüň oňar»,
Bikärligi maksat ýeňer,
Paýhas gelip aňa siňer,
Ýaşyň elliden ötensoň.

Seýran etmä, çyksaň daga,
Tirmek üçin girseň baga,
Aladaňdyr, bala-çaga,
Ýaşyň elliden ötensoň.

Döşüň gerip, ýaz ýeline,
Ogryn bakma, gyz-geline,
Aýat berip, gez ölene,
Ýaşyň elliden ötensoň.

Ot basylan dek, çişlerden,
Tesip gaçgyn, bet işlerden,
Güzap görýäň, myş-myşlardan,
Ýaşyň elliden ötensoň.

Giç hem bolsa, ýada saldyň,
Ozal näme, gapyl galdyň?
Rahat ömre, aşyk bolduň,
Ýaşyň elliden ötensoň.

Iş bitirseň ägirtlikdir,
Kaýyl bolsaň bu mertlikdir,
Aran göwre, bir dertlikdir,

Ýaşyň elliden ötensoň.

Sözle, Illi dünýe pany,
Gelen gider, ýokdur sany,
Soň, görjegiň meňzeş many,
Ýaşyň pelleden ötensoň. Goşgular